# Sähram meniñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sähram meniñ SÄHRAM MENIŇ

Söýdüm seniň tikeniňem,
Aşygy däl diňe gülüň,
Baýramymdyr, buýsanjymdyr
Parlap dogan her bir günüň.
Sähram meniň!
Sähram meniň!

Dogduk depäm – eziz ýurdum,
Mydam yssy gujak gerdiň.
Arzuw berdiň – ganat berdiň,
Ezberligim däldir çeniň,
Sähram meniň!
Sähram meniň!

Ýaňlandyryp belent-pesi,
Gelýär çölden suwuň sesi,
Açylanda gül lälesi,
Öwşün atar her bir peliň,
Sähram meniň!
Sährami meniň!

Doýman güldür ýapragyňdan,
Öpdüm, söýüp kükregiňden.
Reňk aldym topagyňdan,
Gör, teniňe meňzeş tenim,
Sähram meniň!
Sähram meniň!

Duýman iliň toý-ýasyny,
Ödemesem tamasyny,
Geçme ogluň günäsini,
Nagt bolsun jezaň seniň,

Sähram meniň!
Sähram meniň!

* * *

Biz ilden çekinip,
Dilden çekinip,
Ýakyndan çekinip,
Ýatdan çekinip,
Hasam saçlamdaky sowuk gyrawdan,
Seniň gözleňdäki otdan çekinip,
Gezjek bolýas arzuwlary duşaklap,
Gezjek bolýas bir-birekden çekilip.

Ýöne senem düşün,
Düşün bir zada,
Soraşman,
Geňeşmän ýakyna-ýada,
Duşupdyk biz ilki,
Sen-ä saçlarmyň
Gyrawlap başlanyn salmandyň ýada.
Ýaýdanman özümi okladym menem
Seniň gözleňdäki janalgyç oda.

Onsoňam
Arada bir päk duýgudan,
Bir-birege bolan mähir, söýgüden
Gaýry zat ýok wagty,
Beýdip bukdaklap,
Arzuwlary örkläp,
Duşaklap saklap
Gezmeklik ejizlik dälmidir, eýsem?!
Ýa-da günämikä söýülseň, söýseň.

Onsoňam…
Sen näçe gizlendigiňçe
Şonçada men seni küýseýän artyk.
Günler meni senden aýyrjak bolman,

Gaýtam seň ýanyňa dartyp dur, dartyp.

Huşda-da,
Düýşde-de,
Öýdür işde-de
Diňe sen görünýäň, megerem, keşbiň
Meniň gözlerimi örtüp dur, örtüp.

Düşünemok?
Senem meň ýaly bolsaň,
Aýt, nämüçin boş geplerden çekinip,
Gezjek bolýas arzuwlary duşaklap,
Gezjek bolýas bir-birekden çekilip!.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular